# Adamzat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Adamzat ADAMZAT



Didaryñ, nesibäñ, nikañ, imanyñ,
Ajalyñ gaýypdan inen, adamzat.
Budur hak Hudanyñ ýoly ylganyñ,
Ýeriñ gözelligne dönen adamzat.
Göwnüñi päklär sen toba, amana,
Jandan gadyr goýmuş garra, juwana,
Päliñe görädir gezseñ zamana,
Halallyk nurundan ganan adamzat.

Ak säheriñ demlerinde keşbiñ bar,
Päk gözeliñ leblerinde yşgyñ bar,
Ýerde guran Adamçylyk köşgüñ bar,
Ynamdan at ýasap münen adamzat.

- **ÝERLEMEZ**

Ýagşy söz siñer janyña,
Ýaman söz ýerde ýerlemez.
Söz gelipdir zybanyma,
Hyýalym serde ýerlemez.

Ýananym bar, sowanym bar,
Çyn jogaply sowalym bar,

Kemligim bar, kemalym bar,
«Men-menlik» merde ýerlemez.

Bu ýazlarda gördüm göçgün,
Bu gyzlarda köñül köşgüm,
Göreçlerden gaçan uçgun,
Ýönekin derde ýerlemez.

Bar umydym şygra girer,
Kanagada-sabra girer,
Ýagşylyklar bagra girer,
Imansyz görde eglenmez. Goşgular